# Güýz gelse…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 25 января, 2025
Güýz gelse… GÜÝZ GELSE…

Nämüçinkä?!
Aşyk bolýan her gezek,
Zemin zer lybasyn atynan çagy
Arşda karar tapman aglajak bolýan,
Çal bulutdan öýme oransa baglar.

Baryny,
gözümiñ ýetýän ýerini
Bagryma basasym gelýär gujaklap
Mähriban birini gören mysaly
Hasratyny ýüz ýyl bagrymda saklan.

Gürlemejek gözlerime dil bitýä
Dilim hakda aýtmagymam gerek däl.
Güýz gelse …
Guş göwün asmana ýetýä
Ýa tapan dey bir zadyny gereklän.

Bagt güzeri bolýa göwün düşlegim
Ap-aýdyñ düýşlerim,
dile düşmezim,
Umytlam
pyntyklap şaýlanýa ýola
Gözläp täze dañlarynda düşlegin.

Bu güýz meni jadylapdyr özüne
Dem beripdir maña onuñ ýelleri.
Siñse-de gussasy gara gözüme
Ömrüme berk saralypdyr telleri

Zöhre ÖWEZOWA.

Stambul, 2022 ý. Goşgular